# Patyşa tarapyndan aýaly elinden alynmak islenensoñ, adyna deýýus goýlan osmanly paşasynyñ kyssasy

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Patyşa tarapyndan aýaly elinden alynmak islenensoñ, adyna deýýus goýlan osmanly paşasynyñ kyssasy PATYŞA TARAPYNDAN AÝALY ELINDEN ALYNMAK ISLENENSOÑ, ADYNA DEÝÝUS GOÝLAN OSMANLY PAŞASYNYÑ KYSSASY




Dünýä taryhynyñ iñ uly imperiýalarynyñ biri bolan Osmanlynyñ şanly ýeñişleriniñ sanyçarak, onuñ gurlan wagtyndan ýykylan wagtyna çenli döwürde eýýam açyp eýýam ýapandan soñam döwrüñ talaplaryna bap gelmeýän, kada-kanunlara, kowahada sygmaýan gabahatlyklary edendigi mälim. Añyrsy-bärsi görünmeýän osmanly taryhynda şeýle bir ownuk hadysalar bolup geçipdir welin, bular pynhan gürrüñler ýaly bolup görünse-de, soltanlyga, hatda döwlete ýiti täsir edipdir. Biziñ gürrüñ berjek hekaýatymyzam öz serkerdesiniñ aýalyna hyrydar çykan Soltan Ybraýym hakda.
1648-nji ýylda gojaman imperiýa birgiden meseleler bilen gidişýärdi.
Tagtda-da «Monjukly Däli Ybraýym» lakamly Soltan Ybraýym II bardy.
Imperiýa kem-kemden öñki eýelän ýerlerini we at-abraýyny elden gideryärdi, Anadolyda bir gozgalañ ýatyrylmanka, ýene biri orta çykýardy we döwletiñ altyn asyrynda dillere dessan bolan

hazyna borram boşdy.
Salgytlar wagtynda ýygnalmandygy üçin häkimler we beýleki döwlet işgärleri usullyk bilen özbaşlaryna (özleri üçin) salgyt toplamaga başlapdyr, köşkde bolsa isripçilik we zowky-sapa ýetjek derejesine ýetipdir.
Şol ýyllaryň modasy samyr (sobol) possunlary we samyr halylary edinmek köşk aristokratiýasynyň ählisiniň jynyna düşüpdi, emma munuň maddy çykdajysyny hiç kim oýlanokdy.
Köşkde ýagdaý şeýledi… Siwasda ýüze çykan bir waka bolsa bar zady bulaşdyrmaga ýeterlik boldy. Siwasa gelen köşk işgäri häkim Warwar Aly paşadan 30 müň teňňe «sowalga» bermegi talap etdi.
Şol döwürleriň häkimleri patyşalara «harçlyk» bermäge borçludylar. Emma häkim soňky jogabyny berdi: «Siwasyň ýeke teňňesi ýok! Men bu puly nireden alyp bermeli? Ýol kesip, galtamanlyk edip halkyň puluny talaýynmy?»
Bu jogapdan soň köşk işgäri Siwasdan çykyp gidenem bolsa, başga bir işgär başga bir talap bilen geldi.
Anadolynyň belli serkerdelerinden Ibşir paşanyň aýalynyň çakdanaşa owadanlygynyň at-owazasy hökümdaryň gulagyna ýetipdi. Soltan Ybraýym «Ibşiriň aýaly gyssagly maňa iberilsin!» diýip perman ugradýar.
Perman ýokardan…
Emma Warwar Aly paşa «Eý-ho, men näme sutonýormy? Bir musulman adamyň nikaly aýalyny elinden alyp, patyşa bolanda-da bir haramzadanyň eline nädip bereýin?» diýýär.
Soňra köşkden gelen işgärleri masgaralap kowýar we adamlaryny daşyna jemläp aýaga galýar.
Bu topalaň köşgi sarsgyna salýar. Soltan Ybraýym Warwar Aly paşanyň gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin kimi ýolbaşçy bellänini bilýäňizmi?.. Aýalyna göz dikilen Ibşir paşany!
Ibşir paşa öz aýalyny bermejek bolup aýaga galan Warwar Aly paşanyň kellesini almak üçin Siwasa tarap gaýdýar.
Ibşir paşa topalaňçy Warwar Aly paşany Tokatyň golaýynda gabawa düşürip, ele salýar. Ibşir paşa ony jelladyň eline beren pursaty Aly paşanyň şu sözleri ýaňlanýar:
– Eşek, men-ä seň heleýiň namysyny gorajak bolup gozgalaň turuzdym! Seniň ýaly haramzadany meniň üstüme musallat etmeleriniň sebäbi şunda, bileňokmy şony? Men Allanyň emrine garşy çykman, seň namysyňy gorandygym üçin ganyma galjakmy, binamys?!.

Patyşanyñ permanyny öz namysyndan we buýsanjyndan ýokarda gören Ibşir paşa bu söze biraz aljyran ýaly bolsa-da, Warwar Aly paşanyñ janyny şol duran ýerinde alýar.
Bu wakadan soñ Ibşir paşa «wepalylygy» üçin baş wezirlik wezipesine bellenenem bolsa, halk arasynda onuñ lakamy «Deýýusy-ekber»* bolup galýar.
Myrat BARDAKÇY.

**Deýýusy-ekber – iñ uly deýýus.* Taryhy makalalar